# Halal pul

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Halal pul HALAL PUL

Başdan boýun alýaryn: beýle makalany ýazsammykam ýa-da ýazmasammykam diýip kän pikirlendim. Ikirjiňlenmämiň öz sebäbi bar. Atylan ok nyşana degende, diňe şonda harçlanan gurşuny ödeýär. Men ýiti gazel-žurnal makalalarynyň derek tutýan döwrüni gördüm, felýetonlaryň yzy ala-güpürdä öwrülýärdi, tankydy habarlar, makalalar tutan şahasyny goparman goýanokdy. “Näme, indi tankyda kembaha garalýarmy, üns berlenokmy?” diýjek adamlaryň bardygyny bilýärin. Ine jogbym: hawa, köplenç kembaha garalýar, sebäbi, biz biperwaýlaşdyk. Sebäbi biz aýdan sözümiz bilen edýän işimiziň arasynda üzňeligiň bolmagy bilen öwrenişdik. Durmuşda juda aýyp görülmeli geň-taň ýagdaýlar ýüze çykdy: wezipesi boýunça jenaýatyň garşysyna göreşmeli adamlaryň özleriniň jenaýatçy şärigi bolýandyklarynyň faktlary az däl. Biziň çen edişimizden köpräk bolmagy-da mümkin, sebäbi men diňe merkezi gazetlerden eşiden informasiýama salgylanýaryn.
Halal pul diýip nämä aýdylýandygy babatda bir sagatlap leksiýa okamak hem bolar, ony ýekeje sözde beýan etmek hem bolar. Halal pul diňe halal zähmetiň hasylydyr. Diýmek, halallyk bilen gazanylmaýan pula haram pul diýilýän bolmaly. Döwrüň üýtgäni bilen bu düşünjeler üýtgäp durmaýar. Halallygyň tersine haramlyk bar, ýagtylygyň garşysyna garaňkylyk bar, adalatyň garşysyna karamlyk bar, arassalygyň tersine hapalyk bar, dogruçyllygyň tersine ýalançylyk bar, belentligiň tersine peslik bar. Bu ýerde halal puluň nämedigini ýa-da haram puluň nämedigini düşündirmek üçin galama ýapyşmagyň zerurlygy ýok. Gürrüň ahlaklylyk hem-de ahlaksyzlyk, ak ýüreklilik hem-de betpällik meselesi bilen utgaşýar. Ahlaklylyk – durmuşyň özeni. Ahlak tema – baş tema. Döwürleýin metbugatda çap edilýän makalalardan, telewideniýede, radioda eşidilýän çykyşlardan, okalýan leksiýalardan başga tutuş çeper

edebiýatyň kuwwaty-da ahlaksyzlygyň garşysyna gönükdirilen ahyry! Ýöne ol işi bitirmeli, iliň ahlagyny, wyždanyny täzelemeli.
Indi men bir günüň ýakymsyz hadysalaryndan käbir mysallar almak isleýärin.
“Kolhozçy” myhmanhanasynyň ýanynda bir ogry “A-nyň ýakasyndaky 600 manatlyk altyn gülýakasyny ýolup alypdyr-da, gaçyp gidipdir…”
“W.A.H. Çärjewiň “Çagalar dünýäsi” magazinininiň trikotaž seksiýasyndan 102 manatlyk çaga eşiklerini ogurlapdyr”.
“Ogry E-niň kwartirasynyň aýnasyny döwüp girýär we öý eýesiniň iki sany altyn ýüzügini alýar”.
“Ogry aldaw-hile ýoly bilen kişiniň kwartirasyna girip, 2.570 manatlyk zady alyp gidipdir.”
“S.W.K. günortan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet akademiki opera we balet teatrynyň ýany bilen barýan 0.-nyň ýakasyndaky 400 manatlyk altyn gülýakany ýolup alyp gaçdy”.
Bu habarlar “Sowet Türkmenistany” hem-de “Türkmenskaýa iskra” gazetlerinden alyndy. Men bu habarlary gözläp däl-de, çem gelen gazetiň çem gelen sanyndan tapdym.
Irki wagtlarda bir kolhozçy aýalyň iki kilogram çemesi bugdaý ogurlandygy üçin ençeme ýyl tussaglyga höküm edilendigi häzirki döwürde ýygy-ýygydan meniň ýadyma düşýär, ol yzynda bala-çagalaryny goýup gitdi, özi bolsa soňra gaýdyp gelmedi. Raýonlaryň birinde aýlanyp ýörkäk, ýaňy-ýakynda men şol wakany ýene-de ýatlamaly boldum. Muňa ýaşuly bir adam sebäp boldy. Aýdylyşy ýaly, onuň indi köpi geçip, azy galypdyr. Ömrüniň bir bölegini çopançylyk edip geçiripdir, ikinji bölegini daýhançylyga bagyşlapdyr. Çopançylyk edýärkä sanagda bir tokly kem çykypdyr. Sürüde 800 baş dowar bar eken, şonuň biri kem çykypdyr. Fakt-fakt. Derrew jenaýat işini gozgapdyrlar, başga hili çykalgany gözlemändirler. Şeýlelikde, çopan sekiz ýyl tussaglykda oturmaly bolupdyr. Emma ýaşuly diňe şu ýagdaýy aýtmak üçin biziň ýanymyza gelmän eken. Ol jezasyny çekip geleninden soň, günäsini ýuwup geleninden soň iň gowy pagtaçy hökmünde özüni tanadypdyr, kän sag bol alypdyr, ony birnäçe gezek sylaga hödürläpdirler, ýöne sylag almaga şol bir mahalky

tokly mümkinçilik bermändir. Sud edilenligini aýyrmaly diýip degişli edara karar çykarypdyr, terjimehaly welin öňki tegmilliginde galypdyr. Şeýlelikde, ol adam henizem ruhy jeza çekip ýör.
Indi başga bir mysal. Mundan birnäçe ýyl ozal Aşgabatda täze bir edara açyldy. Edara üçin jaý boşadylyp berildi. Ine, şol edaranyň ýolbaşçysynyň beren gürrüňi: “Jaýa mebel aldyk. Garawul goýduk. Bir gün ir bilen işe gelsem, ýaňky garawuluň keýpi çendenaşa kök, daşarda hiňlenip ýör. Edara girsem, täzeje alan 6 oturgyjymyz ýok. “Näme boldy?” diýip garawuldan soraýaryn. “Hiç zadam bolanok, satyp içdim, ýör, kelläňi düzetseň!..” diýip, ýylgyryp dur. “Näçä satdyň?” diýip soraýaryn. “48 manada” diýip, müýnürgemän boýun alýar. Gaharym depäme çykdy. Milisiýa habar etdim. Ol ýerde maňa şeýle diýdiler: “Beýle ownuk zat üçin jenaýat işini gozgamaýarys”.
Resul Gamzatowyň: Günä hem-de jeza” diýen bir goşgusy bar. Şahyr edilen ownukly-irili etmişleriň geçmişde nähili jezalandyrylýanlygy bilen tanyş edip, biziň günlerimize gelýär. Ine şonda şahyryň sowalyna onuň döwürdeşiniň beren jogaby:

*Sakgaldaşym diýdi ýeňsesin gaşap:*
*“Men näme diýeýin meselem – däni,*
*Dogrujamdan gelsem, özüňem bilýäň –*
*Görmedik bolýarys ownuk günäni.*

Meniň pikirimçe çendenaşarak
Geçirimli bolýas öýdýän harama.
Ulurak etmişem bagyşlaýarys –
Aý bu zatlar bolýan zatmyş hamana”

Mahal-mahal asla akyl çatanok
Bu bolýan zatlaryň birniçesine:
“Uly günäkärem apalap käte,
Göterýäs perişdäň derejesine”.

Elbetde, durmuş özgerýär, döwür üýtgeýär, kanun hem bir duran ýerinde duranok. Emma iki goşawuç bugdaý üçin ýaşajyk

çagalaryny ýetim goýup, ömrüni pida etmäge mejbur edilen aýal ýadyňa düşüp durka, kel tokly üçin sekiz ýyllap tussaglykda oturyp, indi hem galan ömrüni kemsidilip geçirmeli ýaşuly aramyzda ýaşap ýörkä, eden jenaýaty ýaňkylaryňkydan on esse artyk adamlaryň degerli jezasyz galdyrylmagy iňňän ýokuş degýär. Jemgyýeti täzelemegiň şindiki döwründe wezipesi kiçi-girim bolmadyk işgärleriň etmişleri aç-açan aýdyldy, parahorlygyň faktlary aýan edildi. Ýap-ýaňy şöhratlandyrylyp ýörlen ýolbaşçylaryň ençemesiniň eli egrilik edendikleriniň üsti açyldy. Olaryň iýen pullary iňňän lomaý. Iň bir mukaddes kärdäki adamlar hasaplanýan wraçlaryň hassalardan para alýandyklary ýa-da gyt dermanlary ogryn satýandyklary baradaky faktlar depe saçyňy düýrükdirýär. Gör, nirelere baryp ýeten ekenik?!

Biziň jemgyýetimizde işsizligiň ýoklugy bilen öwünmäge, oňa guwanmaga biziň hakymyz bar. Mälim bolşy ýaly, işleýän adama hak tölenýär, biz oňa aýlyk diýýäris. Men zähmet hakyň — aýlygyň kesgitlenişinde kemçilik ýokdur diýip aýdyp bilmerin, bu babatda-da kämilleşmek gerek bolsun gerek. Ýöne welin “aýlygada bir ýaşap bormy-aýt!” diýýänlere kän sataşdym. Ýeri, bu näme diýildigi. Ýokary okuw jaýynyň himiýa fakultetini tamamlan ýigitleriň, aýdaly bir restoranyň bufetçisi ýa-da magazinçi bolup işläp ýörendikleri indi bizi geňirgendiribem duranok. Emma şolaryň jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda medeniýeti ýokarlandyrmak üçin ýa-da sowet söwdasynyň abraýyny artdyrmak üçin kärini üýtgedýändiklerine hiç kim güwä geçip bilmese gerek.

Halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin kän işleriň edilýändigini biz görýäris. Adamlaryň bol-elinlikde ýaşamagy olaryň medeni derejesiniň ýokarlanmagy bilen gös-göni bagly. Emma başga kişiniň hasabyna ýa-da döwletiň hasabyna gowy ýaşamak bolmaz. Muňa hiç kimiň haky ýok. Muňa düşünmeýän adamyň bardygyna-da şübhelenýärin. Biziň zamandaşlarymyzyň düşünjesi agy-garany, günädir-sogaby saýgarmak, jenaýatyň nämedigini, sahawatyň nämedigini aýyl-saýyl etmek derejesine bir kemsiz ýetdi, düşüneniň bilen hemme zat gülala-güllük bolaýan bolsa käşgä!…

Mysal üçin, parahorlygy alyp göreliň. Ýönekeý kolhozçy bilen ýönekeý işçiniň parahorlukda aýyplananyny men-ä bilemok, parany jogapkär işleýän adamlar, ýolbaşçy adamlar algyç bolýarlar. Şeýle adamlaryň bolsa aglabasy ýokary bilimli, aýdylyşy ýaly, ylmyň-bilimiň öýjügi. Iň uzak obada ýaşaýan ata-eneler hem galyň almak-bermek diýen zadyň jenaýatdygyna gaty gowy düşünýärler. Ýa-da ýokary okuw jaýyna girýänlerden adalatly ekzamenden başga zat almaly däldigini professorlar bilen dosentler bilýän däldirler diýsem-ä hiç kimiň ynanmajakdygy belli.
Megerem, biz bikanun girdejä öwrenişen adamlara garşy göreşi gowşadan bolsak gerek. Bu ugurda ýeterlik mukdarda kararlar çykarylyp, ýygnaklar geçirilip, gürrüňler gozgalyp, soň işiň gowşadylan bolmagy ähtimal. Gürrüň kän edilýän ýerde işiň az edilýänligini bolsa durmuş bize görkeze-görkeze gelýär.
Biz indi kän wagtlar bäri şeýle bir ýagdaý bilen öwrenişipdiris: magazine baryp, küýseýän harydymyzy soraýarys. “Ýok” diýip, magazinçi jogap berýär. Rast, göze görünýän ýerde ýok bolsa, başga nirede bolup biler? Häzirki zaman magazinleriniň özleriniň haryt saklaýan skladlary bar. Gyt harytlaryň şol ýerde saklanýandygynyň hem-de aýry-aýry kişilere ogryn satylýandygynyň faktlaryna duş gelinýän halatlary seýrek däl. Käbir harytlaryň ýetmezçiliginden söwda işgärleri gör, nähili peýdalanýarlar! Skladda alyjylara görkezilmän saklanylýan gyt harytlar kä kişä öz bahasy bilen berilýän bolsa, kä kişilere artyk baha goýlup satylýar. Bu juda gabahat günä hasaplanmaly ýaly. Emma köplenç kisesi partbiletli şol söwda işgärleri asla müýnürgetmän, gaýtam alyjyny müýnürgetjek bolýarlar. Adamlar belli-belli magazinlere “planyň dükany” diýip at beripdirler. Bu hem ýöne ýerden diýilmeýän bolarly. Ýetmiş-segsen müň manada howly satyn alan magazin müdirleriniň bardygyny men bilýärin. Beýle puly halal zähmet bilen toplamak aňsat däl bolsa gerek…
“Üýtgedip gurmak”, “aýanlyk” diýen sözler dile düşüp başlan uçurlary magazinçiler birneme ätiýaç etmäge, hatda alyjylar bilen mese-mälim sypaýy gepleşmäge mejbur boldular. Olaryň dili süýjedi, skladda baslygyp ýatan harytlar magazine

çykaryldy. Sebäbi kontrol güýçlüdi. Şol günlerde tanyş magazin müdiri indi magazinde hiç kimiň işläsiniň gelmeýänliginden zeýrendi. Men bilmezlige salyp:
– O näme üçin? – diýip soradym.
– Aýlygyna kim işlesin-aýt?! – diýip, gürrüňdeşim torsaryldy.
– Biz-ä işläp ýörüs – diýip, dilime gelen sözi aýdyp goýberdim.
– Senem ýeke aýlygyňa ýaşaýan dälsiň – diýip, gürrüňdeşim özümi şübhe astyna aldy.
Hawa, her kim özüne osýa diýleni dogry bolara çemeli. Magazin müdirini öz hakyna kaýyl bolup, öz aýlygyna ýaşap ýören halal adamyň barydygyna ynandyrmak kyndy. Ine, indi aradan iki ýyl geçensoň, men ony ýene-de şadyýan ýagdaýda gördüm. Indi ol magazinde işlejek adamlaryň gytlygyndan hem, barlagçylaryň bizar edýänliginden hem zeýrenmedi. Ýene-de ýagdaý öňki katdyna gelip, magazin müdiriniň islegine görä dowam edýän bolarly. Halal zähmet bilen ýaşamak isleýänleriň garşysyna göreşiň yzygiderli, birsyhly däl-de, kampaniýalaýyn häsiýete eýe bolmagy ine nämä alyp barýar!
Ýetmişinji ýyllarda raýonlaryň birinde ýaňy özbaşdak işe başlan ýigitden maňa gowşan hat mahal-mahal ýadyma düşüp dur. Ol haty ýazan ýaş adamyň ahlak arassalygy hem-de hojalyk institutyny gutarandan soňky uçran ýagdaýy iň bir biperwaý adamy-da gozgalaňa salarça bar. Ol ýigit “Yzçynyň gözleri” powestimi žurnalda okandan soň maňa hat ýazmakçy bolupdyr. “Garataý aga (powestiň baş gahrymany) ýaly arassa adam durmuşda-da barmyka?” diýip, ol soraýar. Onsoň öz soragyna özi jogap berýär: “Elbetde, bardyr, ýöne men turuwbaşdan eli egri adamlaryň arasyna düşenim üçin, durmuş meni käte hemmelre şeýlemikä diýmäge mejbur edýär. Hawa men mehanizasiýalaşdyrylan göçme kolonnada işleýärin. Galp kollektiw meni-de galplaşmaga mejbur edýär. Ýoldaşlarym agzy ýetse, gulagyny iýmäge taýyn. Bularyň garşysyna ýeke bolup göreşmek hem kyn. Sebäbi bularyň gollary güýçli. Bular meni özleri bilen batgalyga süýreýärler. Maslahat beriň: nätsemkäm?”
Elbetde, men ol ýigide saýlan ýörelgesiniň ýeke-täk dogry

ýörelgedigini, ýöne o diýen ýeňil ýörelge däldigini aýdyp hat ýazdym. Çeşme ýaly arassa adamlara ýeňil düşenok. Ylaýta-da arassa däl kişileriň arasynda işlemek ýeňil düşenok.
Şol ýigidiň soňraky durmuşy nähili bolduka diýip käte pikir edýärin. Haýyr bilen şeriň, halal bilen haramyň arasyndaky barlyşyksyz göreşden ol ýeňiji bolup çykyp bildimikä ýa-da betnebisleriň öňünde elini galdyrdymyka? Bu ýerde ejizlik etseň, ýeňmek kyndyr. “Gawun-gawundan reňk alar” diýen nakyl bar. Töweregiňi gurşan adamlaryň göreldesiniň güýji uly güýç.
Üýtgedip gurmak prosesi biziň hemmämizde uly umytlar döretdi. Bu çylşyrymly, ýeňil bolmadyk proses birinji nobatda jemgyýetiň täzelenmegine, durmuşyň kämilleşmegine, adamlaryň arassalanmagyna, sosial adalatlylygyň doly dabaralanmagyna getirmelidir. Men dogrymdan geleýin: göwnüme bolmasa, biz üýtgedip gurmak hakda kän gürrüň edýäris-de, özümiz känbir üýtgäberemzok, gürrüň garaýyşlarymyzy, psihologiýamyzy, öwrenişen köne endiklerimizi üýtgetmek barada barýar. Bir ýagdaýy aýratyn nazarda tutmak zerur: aramyzda halal zähmet bilen ýaşamaýan adamlar ýaýnap ýörse, adamlary çürkeýän, halky hem-de döwleti aldaýan betpäller zowalsyz guwdurap ýörse, adalata bolan ynam gaçmak bilen bolýar. Muny aç-açan aýtmagymyz gerek. Ynamy bolsa söz bilen däl-de, diňe iş bilen, durmuş hakykaty bilen gazanmak hem-de dikeltmek mümkin, söz bilen işiň aralygyndaky üzňelik jemgyýete kän zyýan berdi, durgunlyk ýyllarynda ynamyň gowşamagyna getirdi. Diňe halal durmuşy sagdyn durmuş diýip hasap edip bolar. Jemgyýetiň sagdynlygy onuň halallygyna gös-göni baglydyr.
Men ýazmasy ýeňil düşmedik makalany gozgalan bu meselä dahylly bir goşgym bilen tamamlasam diýýärin.

*Eşidipdim, gadymy bir kitapda*
*Şeýle manydaky bir ýazgy barmyş:*
*Günä iş etmegi göwnüňe düwmek*
*Şol işi etdigiň hasaplanýarmyş.*

Hawa, göwün görnüp duran närse däl,
Görünmeýän zadam subut etmek kyn.

Emma göwne beslän bolsaň şer işi,
Bir gün maksadyňa ýetmegiň mümkin.

Eşidişime görä, gadym zamanda
Bir patyşa golun goýup permana,
Deň jeza berenmiş – bir teňňe bilen,
Teňňe däl – bir sandyk pul ogurlana.

Hawa, bary-ýogy bir teňňe bilen
Sandyk doly puluň tapawudy kän.
Ýöne teňňe alan sandyga duşsa,
Ondan ýüzün sowup geçäýermikä? –

Şeýleräjik garan eken meselä
Köne ýazgy bilen gadymy perman.
Ýöntemmi? Bilemok? Meniň özüm-ä
O diýen ýöntemem däl ýaly görýän.

Bu goşgyny mysal getirmek bilen men, elbetde, gadymy perman güýje girizilse diýjek bolamok, ýok, men şeýle ägirt uly işleri amala aşyran sowet adamlary halal ýaşap bilmese, munuň juda aýyp görüljekdigini aýtjak bolýaryn.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW.

# “Ömür kitaby” 1993 ý. Jemgyýetçilik tankydy